# Gazagystana we Orta Aziýa bil baglaýar

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gazagystana we Orta Aziýa bil baglaýar GERMANIÝA RUSSIÝA BASYŞ ETMEK ÜÇIN GAZAGYSTANA WE ORTA AZIÝA BIL BAGLAÝAR




*Häzir ÝB (Ýewropa Bileleşigi) ýurtlary Merkezi Aziýany wajyp ýaran hökmünde öz tarapyna çekmegiň ugrunda ýörkäler, sişenbe güni Berlinde Gazagystanyň prezidenti Kasym-Jomart Tokaýew bilen duşuşygynda kansler Olaf Şols "Russiýanyň garşysyna ýapdyrmalary üpjün etmek we urşy bes etdirmek üçin Gazagystanyň goldawy jana-jan zerur bolup durýar" diýip nygtady.*

Russiýa Ukraina çozup girende Gazagystan bitaraplygyny saklady we Günbataryň sanksiýalaryna sezewar bolmady. Bolsa-da, bu iki öňki sowet respublikalary ýakyn ýaranlygyna galýarlar, olar dünýäde iň uzyn üznüksiz guryýer serheti hem-de Ýewraziýa ykdysady ýaranlygy (EAEU) atly gümrük bileleşigi arkaly biri-birine bagly. Şeýlelikde, ýapdyrmalary bozup geçmäge mümkinçilik berýän sümelgeleri kän bolan Gazagystan bikanun söwdanyň öňüni almak üçin möhüm ähmiýete eýe bolan ýurtdur.

Tokaýew bilen Berlindäki duşuşygynda "Ýapdyrymlary bozup geçmegiň öňüni almakda Gazagystanyň bize goldaw bermeginiň we munuň garşysyna çäreler görmeginiň möhüm ähmiýeti bar" diýip žurnalistlere beýanat beren Şols "iki ýurduň hem daşary işler we geosyýasat babatda öz hyzmatdaşlygyny hasam işeňňirleşdirmäge ymtylýandygyny" aýdyp, sözüniň üstüni

ýetirdi.
Öz gezeginde Tokaýew hem Şolsa öz goldawyny kepillendirdi.
Öz ýurdunyň “yapdyrmalar düzgünini goldaýandygyny” mälim edip, ol “Germaniýa biziň ýapdyrmalar düzgünini bozup geçmek ugrunda haýsydyr bir mümkin bolup biläýjek zady etmegimiz barada alada galmasyn” diýip nygtady.
Bu duşuşyk sişenbe we penşenbe günlerinde Merkezi Aziýa liderleri bilen Berlinde tapgyrlaýyn geçirilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gepleşikleriň ilkinjisi bolup, ol bu sebitiň Russiýa ýakynlygyny hem-de tebigy gorlara baýlygyny nazara almak bilen Günbataryň geo-strategik bakyşynda barha artýan ähmiýetini şöhlelendirýär.
ÝB ýurtlary rus nebitini boýkot edenlerinde Gazagystan ýetişip, öz nebitiniň Germaniýa iberilişini artdyrypdy.
ÝB-niň ösüp barýan ykdysadyýetler we global günorta bilen ýaranlyk baglaryny berkitmek boýunça Global maýagoýum maksatnamasyny göz öňünde tutmak bilen Şols “Gazagystan ÝB-niň “Global derweze” başlangyjynyň çogdamlanma nokadydyr we hut şol ýerden biz özümiziň düýpli maýagoýum taslamalarymyzy ýaýbaňlandyrmak isleýäris” diýdi.
Emma Gazagystan Günbatar babatda köpgyraňly çemeleşme syýasatyny dowam etdirýär. Germaniýany “Gazagystanyň Ýewropadaky naýbaşy hyzmatdaşy” atlandyrany bilenem, Tokaýew şol bir wagtyň özünde özleriniň Russiýa bilen hem ysnyşykly baglanyşyklaryny we “dostluk garnaşyklaryny” hygtap geçdi.
Tokaýew 2022-nji ýylda ýurduň ýarym-awtokratik hökümetiniň garşysyna bulagaýlyklar we tolgunyşyklar bolup geçende Russiýanyň ara gatyşmagyndan bähbit alanam bolsa, soňra Ukraina çozup giren Russiýanyň ony öz ýaranlygyna çekmek synanyşyklaryna garşy durdy.
Häzir hem Tokaýew urşy berk ýazgardy we “iki tarapyň hem harby hereketleri derhal we haýal etmän togtatmagyny” talap edip, ýagdaýyň “indi çynlakaý agyrdygyny” we iki tarapyň hem kabul edip ýaşajagy bir çözgüt tapmagyň wagtynyň gelendigini aýtdy.

Nik ALIPUR.

“EURACTIV” täzelikler saýty, 29.09.2023 ý. Publisistika